***Bilşimiz ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary esasynda 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenistan — Hytaý halkara gaz geçirijisi işe girizildi. Taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylan şol senäniň ýurdumyzda Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni hökmünde bellenilmegi özboluşly many-mazmuna eýe boldy.***

Berkarar Watanymyzy ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösdürmek bilen bagly kabul edilen milli we döwlet maksatnamalarymyza laýyklykda, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe iri senagat toplumlaryny, gaz geçiriji ulgamlary döretmek, geljegi uly nebitgaz ýataklaryny özleşdirmek babatda öňde goýlan sepgitlere ýetmek üçin giň gerimli işler alnyp barylýar. Eziz Diýarymyzyň dürli künjeklerinde täze nebitli we gazly ýataklaryň açylmagyny, Türkmenistan — Hytaý, Gündogar — Günbatar gaz geçirijilerini, gurluşygy alnyp barylýan Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan halkara gaz geçirijisiniň taslamasyny pudakda gazanylan üstünlikleriň hatarynda görkezmek bolar. Şu ýylda Gahryman Arkadagymyzyň bu taslamanyň möhüm böleginiň — Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygyna ak pata bermegi ýurtlarymyzyň uzak möhletleýin ösüşine kuwwatly itergi bermäge hem-de sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge ygrarlydygymyzyň nobatdaky mysalyna öwrüldi.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň nebitgaz senagatynda önümçiligiň derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Tebigy serişdelere örän baý Diýarymyzda nebitgazly ýataklaryň üstünlikli özleşdirilmegi bu ugurdaky işleriň ýokary depginde alnyp barylýandygyny görkezýär.

Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, bu gün egsilmez tebigy baýlyklaryň mekany bolan Türkmenistan dünýäniň iri, kuwwatly we ösen nebitgaz pudagy bolan döwletleriniň hataryna girýär. Bu hakykatdan ruhlanýan burawlaýjylarymyz ýylyň-ýylyna uly işleri amala aşyrýarlar. «Bu günki burawlaýyş ertirki nebitdir» diýen şygar astynda zähmet çekýän baýlyk gözleýjilerimiz ýerasty tebigy baýlyklaryň uly gorlaryny özünde jemleýän täze meýdançalardaky nebitgaz gorlarynyň üstüni açmakda, ýataklary senagat taýdan işe girizmekde zähmetiň ajaýyp nusgasyny görkezýärler.

Jemläp aýdanyňda, ýurdumyzda amala aşyrylýan işler, şol sanda nebitgaz pudagynda durmuşa geçirilýän taslamalar dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme döredip, ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň örän ýokarydygyny aýdyň görkezýär. Goý, ählumumy

Все права защищены
save pdf date >>> 29.01.2026

parahatçylygyň, durnukly ykdysady ösüşiň bähbidine netijeli başlangyçlary öňe sürýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Gyzylgül GYLYÇGELDIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены
save pdf date >>> 29.01.2026